# Tomaşaly ölüm jezasy

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapсу | 23 января, 2025
Tomaşaly ölüm jezasy TOMAŞALY ÖLÜM JEZASY




Öňünden aýdaýyn: käbir jümlelerimiň öte ýowuzlygy sebäpli özüňizi oňaýsyz duýup bilersiňiz.
1757-njj ýylyň 5-nji ýanwary.
Rober-Fransua Damýen (1715 — 1757)…
Köne fransuz ofiseri Rim papasy Klement XI bilen özara düşünişmezlikleri bolan Korol Luis XV-i arabasyna münjek bolup durka pyçaklady.
Damýeni taryhyň iň meşhur teraktçylarynyň birine öwren zat — bu jenaýatçylykly hereket däldi, şondan soň başyna gelenler ony tanymallyga ýetirdi.
Fransiýada korol maşgalasyna kast etmäge synanşanlar süýrelip, tike-tike edilip (dörde bölünip) öldürilerdi.
Damýeniň jezasy 28-nji mart güni Parižiň baş ybadathanasynyň öňünde etmişini köpçüligiň öňünde boýun almagyndan soň başlady.
Eline iki funt çemesi fakel (ujuna nebitli esgi oralyp ýakylýan taýak) berlip çykaryljak dar agajyna iki tigirli ýük arabasynda äkidildi…
Şol ýerde-de döşi, gollary, gasyklary, baldyrlary oda tutulan gyzgyn atagzy bilen gapjadyldy…
Korolyň janyna kast edende ulanan pyçagy sag eline berildi we onuň şol sag eline eredilen gurşun, gaýnap duran ýag, gaýnap duran kanifol, balmumy, kükürt döküldi…
Yzyndan görgüliniň bedeni hersi bir tarapa giden dört ata çekdirilmäge başlandy. Böleklenme ugruna gitmänsoň, ýene iki goşuldy, bulam ýeterlik bolmady…

Butlatyny gopartmak üçin damarlary kesildi, bogunlary palta bilen çapyldy…
Bedeniniñ dört parçasy gazyga baglanyp, otda ýakyldy, ýanyp küle öwrülensoñam ýele sowruldy…
Bu “gynama tomaşasy” müñlerçe fransuzyñ gözüniñ öñünde bolup geçdi…
Ölümüniñ yzysüre Damýeniñ öýi ýykyldy, onuñ doganlary familiýalaryny üýtgetmäge mejbur boldy, yzynda galan maşgalasy Fransiýadan çykaryldy…
Jezany zulmat heşellesine öwren usuly näme üçin agzadym?

## ■ Köşgüñ düşünşi

Ýokardaky okanlaryñyzy M.Fuko jeza taryhy barada ýazan «Türmäniñ döreýşi» kitabynyñ girişinde ýazdy.
Damýeniñ akyllary doñduryp taşlajak gynama metody bilen jezalandyrylmagyna korol häkimiýetiniñ simwoly diýip düşünmelidi…
Maksat – häkimiýetiñ güýjüni halka göz etmek, halka göz görkezmek, adamlaryñ gözüni gorkuzmagydy.
İnfazın seyirlik olmasının sebebi iktidarın halka, “bana dokunanın bedenine bu yapılır” mesajı vermesiydi…
Köşgüñ pikiriçe günäkärler tomaşaly gynamalarda has köp ejir çekse, netijede jemgyýet özüni häzirki wagtyñ ýoñ bolan dilinde aýtsak «çyzykdan çykman, gysmaly ýerini gysypjyk» gezmegine gowy bolýardy.
Hawa, halka hödürlenen saýlaw şudy: ýa häkimiýete lepbeý diýersiñ, ýa-da ejirli ölüm bilen soñlanmaly borsuñ!
Fransuz taryhynda şular ýaly dähe öwrülen usul bilen öldürilen iñ soñky kişi Damýen boldy! Çünki:
Mundan beýläk kapitalizm taryh sahnasyna çykýardy we bu sistemanyñ jeza düşünjesi tapawutlydy.
Bu döwürde gynamalaryñ kesgitleýji aýratynlygy öz ýerini bedeni tussag etme ýoluna (türmelere) dälihanalafa berdi. (Ilkinji modern türme haýwanat bagyndan nusga alnyp, 1785-nji ýylda guruldy.)
Täze düzgün bedeni terbiýelemegiñ, şekillendirmegiñ, özgertmegiñ, ýuwaşatmagyñ döwrüni başlatdy. Şeýlelikde… bedeni gynamalar bilen jezalandyrylmak düzgüni öz möwritini ötürdi,

täze jeza usuly bilen ýumşadylan passiw obýekte öwrüldi.
Jezanyñ ünsi bedenden aña göçürildi – çünki dissiplinar kapitalistik häkimiýete beden-iş güýji gerekdi. Amerikan kinofilmlerinde-de kän görensiñiz: türmeleri "işiñ bähbidi" göz öñüne tutulyp, zähmet-düzediş öýüne öwürdiler!
Taryhyñ dürli döwründe özgerişe uçrasa-da jeza, hususanam ejir çekdirme hemişe diýen ýaly häkimiýetiń guraly bolup geldi.
Maksat – şahsy we jemgyýeti gysymyña gysyp islän ugruña gönükdirmek, lepbeý diýip duran etmek…
Gepimiziñ tommaýly ýerine-de gelip ýetdik:
Odatv näme üçin 216 günläp ýapyk dur?
Müýesser Ýyldyz näme üçin 121 gün bäri türmede?
Baryşlar ikinji gezek näme üçin zyndana salyndy?
Metbugat serişdeleri arkalu häkimiýetiñ jemgyýete tomaşa etdirýän bu «masgaraçylykly tomaşaly ölüm jezasy» diñe biziñ başymyza gelenok.
Häkimiýet ýurduñ üstüne şeýle bir çöküpdir welin, jezalandyrma çäresi kimlerdendigiñe görä üýtgeýär. Şol bir etmişiñ jeza sanksiýasynda häkimiýet tarapdarlaryna we garşydaşladyna aýry-aýry höküm berýär. Oppozision gatlaklary «jeza taýagy» bilen ytagat etmäge mejbur edýär.
Kynçylykly-agyr döwürleriñ içinden geçen Günbatarda taryhyñ çañly sahypalarynda galan bu jeza çäreleri (dildüwşükleri, duzaklary hem goşsak bolar) näme üçin ýurdumyzda häzirem bar? Tapawut nämede?
Kapitalizmiñ Günbatarda guran (we respublikamyz döwründe ýurdumyza getirilen) modern-rasional hukuk sistemasy hut häzirki häkimiýetiñ döwründe (FETÖ magryfatlary bilenem) näme üçin şular ýaly derejede yza tesdi-pese düşdi?
Häkimiýet FETÖ bilen başlan zulmat tününden näme üçin çykyp bilenokla. Çünki, meseleleriñ çözgüdini tapyp bilenok. Seretseñizläñ… ykdysady kriziz artdygyça häkimiýetiñ zyndana salýan adamlary-da köpelýär. (We häkimiýetiñ ýaranlarynda garyplaşandygy üçin günä edenleri ölüm jezasy ýaly agyr jezalar bilen ýola getirip biljekdiklerine bolan ynanç artýar.)
Görşümiz ýaly:

Problemalarymyz çuňlaşdygyça häkimiýetiň köpçüligiň ýüregine gorky salmak maksady bilen jezalaryň agyrlygyny-da artdyrjaga meňzeýär. Olaryň metbugat serişdelerinde-de zulmatdaky ölüm jezalaryna ýygy-ýygydan duş gelersiňiz…
Jeza düşünjesinde öňe tarap – adamkärçilikli tarapa däl-de, yza tarap- adamkärçiliksiz ugra tarap barýarys.
Käbir türmede oturanlaryň diri ýitirim bolmagy we gynamalar «Damýen döwrüniň» gaty uzakda däldigini görkezýär…

Soner ÝALÇYN.

«SÖZCÜ» gazeti, 07.10.2020 ý.

Terjime eden: Guwanç MÄMILIÝEW. Publisistika